#171 (193)
среда, 3 апреля 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**Bedew batly öňe barýan ýurdumyzyň her bir güni şatlykly wakalara, zähmet üstünliklerine beslenýär. Munuň şeýledigini 29-njy martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň dowamynda habar berlen maglumatlar doly tassyklaýar.**

Mejlisiň başynda Döwlet Baştutanymyz hemişe bolşy ýaly, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlaryň mukaddes Gadyr gijesiniň öň ýanynda günäsiniň geçilýändigi baradaky hoş habary aýtdy.

Soňra Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk we günä geçmek meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak baradaky toparyň başlygy jenaýat edendikleri üçin iş kesilen raýatlaryň mübärek Gadyr gijesi mynasybetli günäsini geçmek boýunça bu toparyň geçiren işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz toparyň başlygyna hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlary tussaglykdan boşadyp, olaryň ýakyn wagtda öz öýlerine, maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy. Welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlerine, beýleki ýolbaşçylara günäsi geçilen adamlary iş bilen üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görmek tabşyryldy.

### Milli parlamentde

Soňra Mejlisiň Başlygy çykyş edip, milli hukuk binýadyny kämilleşdirmek, hususan-da, hereket edýän kanunçylyk namalaryny döwrüň talaplaryna laýyk getirmek hem-de täze kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz halkara tejribeden ugur alyp, ýurdumyzyň kanunçylygynyň döwrebap we kämil bolmagy üçin netijeli işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi.

### Ykdysadyýetde

Döwlet emlägini dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan döwletiň paýly gatnaşmagynda döredilen hojalyk subýektlerindäki degişli paýlary döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak boýunça seljermeleriň yzygiderli geçirilýändigi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabatdan soň, döwlet emlägini hususylaşdyrmak hem-de ony dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak işlerini dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekip, wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

### Nebitgaz toplumynda

«Türkmennebit» döwlet konsernini zerur bolan enjamlar, şol sanda nebitgaz guýularyny burawlamakda, özleşdirmekde, düýpli abatlamakda ulanylýan turba önümleri bilen üpjün etmek boýunça görülýän çäreler baradaky hasabat hem diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabat bilen tanyş bolup, ýurdumyzda nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmagyň möhüm wezipedigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmennebit» döwlet konsernini nebitgaz guýularyny burawlamak, özleşdirmek hem-de düýpli abatlamak işlerinde ulanylýan turba önümleri bilen üpjün etmek boýunça teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

### Oba hojalygynda

Ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy baradaky hasabatda gowaça ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek, oba hojalyk tehnikalarynyň we gurallaryň bökdençsiz işlemegini gazanmak, şeýle hem önüm öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek babatda görülýän çäreler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gowaça ekişini talabalaýyk geçirmek üçin ähli zerur şertleri döretmegiň wajypdygyny belläp, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

* * *

Mundan başga-da, mejlisiň barşynda medeniýet, ylym-bilim, sport we saglygy goraýyş ulgamlarynda, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginde alnyp barylýan işlere garalyp, degişli çözgütler kabul edildi.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ОРГАНИЗАЦИИ ТЮРКСКИХ ГОСУДАРСТВ

***27 марта 2024 года Президент Сердар Бердымухамедов принял Генерального секретаря Организации тюркских государств Кубанычбека Омуралиева.***

Приветствуя главу государства, гость выразил искреннюю признательность за уделённое для встречи время и возможность принять участие в мероприятиях по случаю провозглашения города Анау культурной столицей тюркского мира в 2024 году. В данной связи подчёркивалось, что Организация придаёт особое значение укреплению продуктивного сотрудничества с нашей страной, имеющей статус наблюдателя в ОТГ.

Поблагодарив за добрые слова, Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что рад приветствовать на древней и гостеприимной туркменской земле руководителя Организации, принявшего участие в состоявшихся накануне мероприятий по случаю провозглашения города Анау культурной столицей тюркского мира в 2024 году.

Дальнейшее развитие эффективных и конструктивных отношений с тюркскими государствами занимает важное место во внешнеполитической стратегии Туркменистана, подчеркнул Президент Сердар Бердымухамедов. Одним из ярких примеров служит успешно проведённое 11–12 марта в Ашхабаде 15-е заседание Совета старейшин ОТГ, на котором были достигнуты договорённости и озвучены предложения, призванные служить ориентиром в деле дальнейшего развития сотрудничества в рамках Организации.

Также отмечалось, что принятие Торгово-промышленной палаты Туркменистана в состав Союза торгово-промышленных палат тюркских стран в перспективе позволит эффективно использовать данную платформу для развития экономического партнёрства между государствами-членами ОТГ.

Одной из тем обсуждения стало празднование в нашей стране 300-летия со дня рождения Махтумкули Фраги, чьи произведения являются достоянием всего тюркского мира. Как отмечалось, в этой связи намечены многочисленные мероприятия, нацеленные на изучение и распространение литературного наследия великого туркменского поэта.

В рамках состоявшегося заинтересованного обмена мнениями о перспективах взаимодействия на пространстве ОТГ с учётом его солидного потенциала отмечалось, что расширение спектра программ и проектов в различных областях, и в первую очередь по линии образования, науки и культуры, послужит успешному продвижению обоюдовыгодного межгосударственного партнёрства, наполнению его конкретным содержанием.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ОРГАНИЗАЦИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

***27 марта 2024 года Президент Сердар Бердымухамедов принял Генерального секретаря Организации Экономического Сотрудничества (ОЭС) Хусрава Нозири.***

Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что нынешний визит Генерального секретаря ОЭС в Ашхабад включает участие в Международной конференции «Основные направления и потенциал развития туризма в Туркменистане». Этот форум призван раскрыть туристические возможности нашей страны и расширить географию международного сотрудничества в данной области.

Пожелав г-ну Хусраву Нозири плодотворного участия в конференции и содержательных переговоров в её рамках, глава государства выразил уверенность, что итоги визита станут вкладом в развитие традиционного сотрудничества между Туркменистаном и ОЭС, в том числе в вышеназванной сфере.

В продолжение встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями о перспективах многопланового взаимодействия между Туркменистаном и ОЭС. Отмечалось, что надёжной основой здесь служит накопленный за прошедшие годы позитивный опыт совместной работы.

В данной связи Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что, выступая за дальнейшую активизацию продуктивного сотрудничества в рамках Организации, наша страна стремится способствовать повышению эффективности деятельности этой многосторонней структуры. Одним из приоритетных направлений был назван энергетический сектор. Обладая огромными запасами природного газа, наша страна готова существенно диверсифицировать его поставки, в том числе потребителям и транзитёрам на пространстве ОЭС.

Другим важным вектором взаимодействия был обозначен транспорт. Президент Сердар Бердымухамедов пригласил ОЭС к более активному участию в реализации транзитных возможностей нашей страны, используя такие транспортные коридоры, как Север–Юг и Восток–Запад.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и Генеральный секретарь ОЭС Хусрав Нозири, подтвердив приверженность Туркменистана и Организации Экономического Сотрудничества традиционному конструктивному диалогу, выразили уверенность в дальнейшем поступательном развитии плодотворного взаимодействия, отвечающего целям общего благополучия.

## The President of Turkmenistan received the Minister of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Iran



On March 28, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the Minister of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Iran, Hossein Amir Abdollahian.

Expressing sincere gratitude for his time, the head of the foreign policy department of a friendly country conveyed warm words of greetings and best wishes from Iranian President Seyyed Ebrahim Raisi and Supreme Leader of Iran Ayatollah Ali Khamenei to the head of Turkmenistan.

Having warmly welcomed the Minister of Foreign Affairs of the neighboring state to the hospitable Turkmen soil, President Serdar Berdimuhamedov addressed his best wishes to the top leadership of Iran, expressing confidence in the effectiveness of the upcoming negotiations with Turkmen colleagues during the current visit, which will contribute to the further development of traditionally friendly bilateral relations.

As noted, today the political and diplomatic dialogue at the bilateral level and within international organizations is successfully developing, based on the traditions of respect and mutual understanding.

Iran is traditionally one of the most important partners with which our country maintains trade and economic ties, the head of state continued, emphasizing the role of the joint Turkmen-Iranian group on economic cooperation, whose activities are aimed at agreeing on specific measures to increase interaction in the electricity and transport sectors.

It was also emphasized that the humanitarian sphere is an integral component of the Turkmen-Iranian dialogue. Evidence of this is the mutual visits of delegations from the two countries, the holding of joint cultural events, in particular Culture Days, various exhibitions and other events.

At the end of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov and the Minister of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Iran, Hossein Amir Abdollahian, wished each other good health and success in their work, expressing firm confidence that friendly relations between fraternal states, based on the principle of good neighborliness, will continue to expand and strengthen in all areas of mutual interest.

## The President of Turkmenistan received the Secretary General of the UN World Tourism Organization

On March 27, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the Secretary-General of the UN World Tourism Organization Zurab Pololikashvili, who arrived in Ashgabat to participate in the International Conference «Main directions and potential for tourism development in Turkmenistan».

Warmly welcoming the guest to the ancient and hospitable Turkmen land, the head of state emphasized the importance of the forum and expressed confidence that the bilateral meetings held during the current visit will serve to further expand cooperation between Turkmenistan and the UN World Tourism Organization.

Expressing gratitude for the time devoted to the meeting, the head of the largest international organization, taking the opportunity, conveyed warm words of greeting to the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Hero-Arkadag, as well as wishes of peace, prosperity and new successes on the chosen path to the entire Turkmen people.

During the subsequent conversation, which took place in a businesslike, constructive manner, the current state and prospects for the development of traditional cooperation that meets mutual interests were discussed.

As noted, our country is currently paying special attention to the development of the tourism industry. Natural and climatic conditions and great historical and cultural potential, rich national traditions and original customs, as well as new and high-quality infrastructure are the main factors in the development of national tourism.

It was noted that another important area of the national economy of Turkmenistan is the health, treatment and sanatorium-resort sector. In all corners of the country, the number of specialized facilities and the range of services provided in them are growing, which create favorable conditions for recreational tourism.

In this regard, it was emphasized that our country continues to intend to develop sustainable tourism, the goals of which coincide with the Sustainable Development Goals, to achieve socio-economic progress and ensure environmental well-being.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRI BILEN DUŞUŞDY



**2024-nji ýylyň 28-nji martynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministri Hosein Amir Abdollahiýan bilen duşuşdy.**

Dostlukly ýurduň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy türkmen halkynyň Milli Liderine Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň hem-de Eýranyň Beýik Ruhy Lideri Aýatolla Ali Hameneýiniň mähirli salamyny ýetirip, goňşy ýurduň Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly gyzyklanma bildirýändigini nygtady.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Eýranyň Daşary işler ministrini gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, goňşy ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy iki döwletiň syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda, dünýä giňişliginde, iri halkara guramalaryň çäklerinde alyp barýan hyzmatdaşlygyna ünsi çekdi hem-de EYR-nyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy esasynda kabul eden «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasynyň awtordaşy bolup çykyş edendigi üçin eýran tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Şeýle-de Gahryman Arkadagymyz ikitaraplaýyn medeni gatnaşyklaryň döwrüň ruhuna laýyk derejede ösdürilýändigini aýtmak bilen, gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli dabaralaryň giň gerimde dowam edýändigini, Ahal welaýatynyň Änew şäherinde açylan täze metjidiň möhüm ähmiýetini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri iki ýurduň dürli derejedäki Hökümet wekilýetleriniň ýygy-ýygydan amala aşyrýan özara iş saparlarynyň, yzygiderli geçirilýän geňeşmeleriň we gepleşikleriň döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýandygyny aýdyp, goňşy Eýran Yslam Respublikasy bilen özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegini goldaýandygyny belledi.

Medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklary berkitmekde, halklary ýakynlaşdyrmakda hem-de medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda aýratyn orun eýeleýär. Goňşy ýurtlaryň arasynda ylym, bilim, medeniýet, sungat, sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Gahryman Arkadagymyz Eýranyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň saparynyň dowamynda türkmen kärdeşleri bilen geçirjek gepleşikleriniň iki ýurduň arasynda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy dürli ugurlar boýunça ösdürmäge täze itergi berjekdigini aýtdy.

*A meeting of the Interdepartmental Commission of Turkmenistan on Caspian Sea issues was held at the MFA of Turkmenistan*

On March 31, 2024, the 61st meeting of the Interdepartmental Commission of Turkmenistan on Caspian Sea Issues was held at the Ministry of Foreign Affairs.

The meeting was attended by the relevant Deputy Chairmen of the Cabinet of Ministers, heads of a number of ministries and state agencies of Turkmenistan.



Speaking at the meeting, the participants noted that under the clear leadership of the President of Turkmenistan, the country invariably takes a proactive position in developing balanced solutions to Caspian issues. It was emphasized that Turkmenistan played an important role in the development of the legal framework for cooperation in the Caspian Sea and this process continues in cooperation with all Caspian countries within the framework of international law.

The participants discussed in detail the Action Plan of the Interdepartmental Commission of Turkmenistan on Caspian Sea Issues for 2024, affecting important areas such as economics, security, transport and international events. At the same time, in accordance with the country's environmental diplomacy, the participants paid special attention to environmental issues.

In conclusion, the participants emphasized that Turkmenistan intends to continue active work in order to strengthen relations of friendship, good neighborliness and broad interaction between the coastal states.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HALKARA WE AZIÝANYŇ TENNIS FEDERASIÝALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNY KABUL ETDI

**2024-nji ýylyň 27-nji martynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Halkara tennis federasiýasynyň prezidenti (HTF) Dewid Haggertini we Aziýanyň tennis federasiýasynyň prezidenti (ATF) Ýuriý Polskini kabul etdi.**



Myhmanlar döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, HTF-niň we ATF-niň sporty höweslendirmäge we goldamaga, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmäge aýratyn üns berilýän ýurdy bolan Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.

Jenap Dewid Haggerti Türkmenistanda bu ugurda uly üstünlikleriň gazanylandygyny belläp, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa Halkara tennis federasiýasynyň güwänamasyny gowşurdy.

Döwlet Baştutanymyz myhmanlary mähirli mübärekläp, HTF-niň güwänamasynyň gowşurylandygy üçin minnetdarlyk bildirdi we muňa Türkmenistanda tennisi ösdürmek hem-de wagyz etmek boýunça toplumlaýyn ulgamy döretmäge, uzak geljege gönükdirilen syýasatyň halkara derejede ykrar edilmegi hökmünde baha berýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, HTF-niň we ATF-niň ýolbaşçylarynyň şu saparyna ýurdumyzyň tennis taryhynda möhüm waka hökmünde garalýar. Myhmanlaryň Aşgabatda bolýan wagtynda Türkmenistanyň Tennis federasiýasynyň wekilleri bilen duşuşmaga hem-de hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga, ýurdumyzyň tennis ulgamlary bilen tanyşmak üçin giň mümkinçilikler döredilер.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda sportuň tennis görnüşi uly ösüşe eýe boldy, onuň bilen meşgullanýan ýaşlaryň sany barha artýar. Türkmenistanyň Tennis federasiýasy 1993-nji ýyldan bäri Halkara tennis federasiýasynyň (HTF), 2001-nji ýyldan bäri bolsa Aziýanyň tennis federasiýasynyň (ATF) agzasy bolup durýar.

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Türkmenistan dünýäniň sport giňişliginde, hususan-da, Halkara tennis federasiýasynyň we Aziýanyň tennis federasiýasynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdirmegi maksat edinýär. Döwlet Baştutanymyz şular barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň sport üpjünçilik ulgamlaryny halkara tennis ýaryşlaryny, ýygnanyşyklaryny we ussatlyk sapaklaryny geçirmek üçin ulanmak mümkinçiligini öwrenmegi tabşyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow we myhmanlar dostlukly gatnaşyklary hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrmaga ýardam edýän sport ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## УЧРЕЖДЕН СЕКРЕТАРИАТ ФОРМАТА "ЦЕНТРАЛЬНАЯ АЗИЯ-КИТАЙ"




30 марта 2024 года в г.Сиань китайской провинции Шэньси состоялась торжественная церемония открытия Секретариата формата Центральная Азия-Китай с участием заместителя министра иностранных дел Китая Сунь Вэйдун, Секретаря парткома провинции Шэньси Чжао Идэ, губернатора провинции Шэньси Чжао Ган, заместителя министра иностранных дел Казахстана А.Бакаева, Послов Туркменистана П.Дурдыева, Узбекистана Ф.Арзиева, Таджикистана З.Саидзода и Кыргызстана А.Мусаевой, а также представителей СМИ.

В своей речи заместитель министра иностранных дел Китая Сунь Вэйдун поздравил присутствующих с открытием временного Секретариата и зачитал поздравительное послание Министра иностранных дел КНР. Он также отметил, что Китай придает важное значение укреплению и развитию всесторонних отношений с государствами Центральной Азии.

Договоренность о создании постоянно действующего Секретариата была достигнута на Первом саммите глав государств Формата Центральная Азия-Китай, состоявшемся в мае прошлого года в Сиане.

Руководители делегаций в свою очередь также зачитали поздравительные послания Министров иностранных дел стран Центральный Азии.

В послании Министра иностранных дел Туркменистана отмечается, что решения Саммита Глав Государств Формата “Центральная Азия – Китай” являются главными векторами дальнейшего продуктивного взаимодействия как на двусторонней, так и на многосторонней основах. С учетом общего понимания необходимости развития и дальнейшего укрепления партнерства стран-участников Формата, туркменская сторона выражает готовность и далее вносить весомый вклад в расширение и укрепление нашего взаимодействия в рамках данного Формата.

Исполнительным директором временного Секретариата назначен У Инцинь, который продолжит работу до подписания учредительных документов и назначения Генерального секретаря Формата. Первым Генеральным секретарем по договоренности сторон будет представитель Китая.

Делегация Туркменистана в ходе визита в Сиань также провела ряд рабочих встреч с руководителями провинции Шэньси, на которых были обсуждены пути дальнейшего укрепления двусторонних отношений на межрегиональном уровне.

## Issues of cooperation with the TASS news agency were discussed

On March 28, 2024, at the MFA of Turkmenistan, negotiations were held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the delegation of the Russian news agency TASS, headed by the First Deputy Director General of TASS Mikhail Gusman, who arrived to participate in the ceremony dedicated to the declaration of the ancient Turkmen city of Anau - cultural capital of the Turkic world.

During the meeting, the parties outlined the main directions of bilateral cooperation in the information sphere, primarily based on the Memorandum of Cooperation in the field of exchange of news materials between the State News Agency of Turkmenistan (TDH) and the Russian news agency TASS. An important factor in cooperation with the news agency in timely coverage of events in Turkmenistan was the accreditation of the agency’s journalist with the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

The Turkmen side also emphasized that the establishment and development of partnerships of Turkmenistan in the field of information policy and media is one of the primary tasks identified by the President of Turkmenistan in order to increase the level of international cooperation in this area, further integrate national media into the global information space and comprehensive coverage of the life of the country, interstate relations, increasing the



authority of the Turkmen state in the international arena.

The parties once again emphasized the importance of establishing the work of news agencies and agreed to support the exchange of news in the field of achievements of the two countries.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «ÄNEW MÜŇÝYLLYKLARDAN GÖZBAŞ ALÝAN MEDENIÝET» ATLY KITABYNYŇ TANYŞDYRYLYŞ DABARASY

2024-nji ýylyň 2-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Änew müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.



Tanyşdyryş dabarasyna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri R.Meredow, ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary Ç.Rüstemowa, medeniýet we sungat, ylym we bilim ulgamlarynyň işgärleri, Daşary işler ministrliginiň, KHBS-iň wekilleri, institutyň professor-mugallymlary, şeýle hem talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň täze eseriniň halkymyzyň şöhratly taryhyny hem-de baý medeni mirasyny öwrenmekde, giňden wagyz etmekde uly ähmiýete eýedigi nygtamak bilen, çykyş edenler kitabyň mazmunynyň maglumatlara baýdygyna, olaryň çeper we düşnükli dilde beýan edilýändigine ünsi çekdiler. Bu kitabyň neşir edilmegi Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilen we «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçýän 2024-nji ýylda watandaşlarymyz üçin ajaýyp sowgat boldy.

Çykyş edenleriň bellemegine görä, kitabyň girişinde türkmen halkynyň özboluşly taryhy-medeni mirasy, Änew medeniýetiniň Sumer siwilizasiýasynyň döwürdeşi bolandygyny subut eden R.Pampelli, W.Sarianidi, W.Masson ýaly tanymal alymlaryň mynasyp goşantlary barada gürrüň berilýär.

Kitapda degişli ugurda döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişi, daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda abraýly halkara guramalar we köp sanly beýleki ýurtlaryň öňdebaryjy ylmy merkezleri bilen alnyp barylýan netijeli hyzmatdaşlyk barada maglumat berilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň iri ýöriteleşdirilen düzümi bolan ÝUNESKO, şeýle hem TÜRKSOÝ bilen hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesine, gazanylan üstünliklere aýratyn üns çekilýär. Eserde öňe sürülýän garaýyşlar onuň üç bapdan ybarat mazmunynda giňden beýan edilýär.

«Änew müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitap köpöwüşginli fotosuratlar we şekillendiriş sungatynyň ussatlarynyň surat eserleri bilen bezelipdir. Türkmen, iňlis we rus dillerindäki eser ýurdumyzyň, şol sanda daşary ýurtlaryň giň okyjylar köpçüliginiň ünsüni gürrüňsiz özüne çeker.

Tanyşdyryş dabarasynyň ahyrynda ýygnananlar Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli alyp barýan işlerinde rowaçlyk, täze döredijilik üstünliklerini arzuw etdiler.

## MILLI GYMMATLYKLARYMYZ TANYŞDYRYLDY

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen halkara hyzmatdaşlygy dürli ugurlarda täze sepgitlere ýetýär. Şol sanda halkara habarlar agentlikleri bilenem özara gatnaşyk barha ösdürilýär. Muny ýurdumyzda bu ulgamyň wekilleri bilen guralýan çäreleriň aýdyň mysalynda-da görýäris. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 24 — 29-njy marty aralygynda daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň ýurdumyzda bolmagynyň çäklerinde Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi we nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly metbugat maslahaty geçirildi. Munuň özi hyzmatdaş ýurtlar bilen gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmaga, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň geljekki mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga meýdança bolup çykş etdi. Myhmanlaryň arasynda Özbegistandan, Gyrgyzystandan, Gazagystandan, Türkiýeden, Russiýa Federasiýasyndan, Beýik Britaniýadan gelen žurnalistlerem bar.



Bu ulgamyň dowamynda wekiller Arkadag şäheriniň gözel künjeklerine syýahat etdiler. Ilki bilen şäheriň iň owadan ýerleriniň biri, taryhy-medeni seýilgähe guralan gezelenç myhmanlarda uly täsir galdyrdy. Açyk asmanyň astyndaky muzeýiň hyzmatyny ýerine ýetirýän seýilgähde Sarahs babanyň, Mäne babanyň kümmetleriniň, Seýit Jemaleddiniň metjidiniň, gadymy Nusaý galasynyň, Paryzdepäniň we beýleki ýadygärlikleriň nusga şekilleri görkezildi. Arkadag şäheriniň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýine bolan gezelenjiň dowamynda myhmanlara bürünç we demir asyrlarynyň, neolit we eneolit eýýamlarynyň, orta asyrlaryň we beýleki döwürleriň belli ýadygärlikleri barada taryhy we ylmy maglumatlar gürrüň berildi. Hususanda, muzeýiň birinji gatynda ýerleşýän ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten belent sepgitlerini şöhlelendirilişi uly gyzyklanma eýe boldy.

Soňra Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlaryna tomaşa edildi. Gözelligi, ýyndamlygy bilen dünýäde taýsyz ahalteke bedewiň üstünde kaşaň lybasly jigitleriň ýerine ýetiren haýran galdyryjy çykyşlary žurnalistlere ruhy lezzet paýlady. Bedewleriň dyz epip tomaşaçylara salam berişi ýurdumyzda atçylyk sungatyna uly söýgüniň bardygyny görkezýär. Myhmanlar guralan gezelenjiň gadymy türkmen topragynyň taryhy, medeniýeti, däp-dessury bilen içgin tanyşmaga giň mümkinçilik berendigini uly buýsanç bilen belldiler.

**Jahan ATAÝEWA,**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***В Японии состоялся туркмено-японский бизнес-форум с участием частных предпринимателей***

27 марта 2024 года в городе Токио, Япония, состоялся бизнес-форум между Туркменистаном и Японией, организованный при активном содействии Японской организации внешней торговли (JETRO).

В рамках форума состоялись двусторонние встречи Министра торговли и внешних экономических связей Туркменистана с руководителями JETRO, министерства экономики, торговли и промышленности Японии, Японской ассоциации по всемирной выставке ЭКСПО-2025, страхового агентства NEXI, Исследовательского института Россия-Евразия, Японского агентства международного сотрудничества (JICA), представителями банков «JBIC», «Mizuho», «ING», «Deutsche», «SMBC» и различных японских компаний.

Эти встречи были направлены на дальнейшее укрепление и расширение сотрудничества в различных сферах и созданию благоприятных условий для развития бизнеса и инвестиций.

***Туркменистан и Нидерланды будут сотрудничать в области совместного строительства и проектирования земснарядов***

Туркменистан и Нидерланды будут сотрудничать в области локализации, совместного строительства и проектирования земснарядов на территории Туркменистана.

Соответствующая договоренность была достигнута в ходе встречи заместителя генерального директора судостроительного и судоремонтного завода «Балкан» с акционерами компании De Klop B.V в рамках визита в Королевство Нидерландов. Компания является ведущим производителем земснарядов и насосов.

Стороны также договорились проводить технические и операционные тренинги для туркменских специалистов по ремонту основного оборудования и механизмов земснарядов на заводе «Балкан».

В свою очередь, представители компании De Klop B.V. выразили готовность к совместной работе во всех аспектах по строительству и ремонту земснарядов.

***Концерт-посвящение «Кладезь разума Махтумкули Фраги» состоится в Москве***

При поддержке Посольства Туркменистана в Российской Федерации в Музейно-выставочном комплексе Российской Академии Художеств состоится концертная программа, посвящённая 300-летию со дня рождения великого классика туркменской литературы и мыслителя Востока Махтумкули Фраги.

Как сообщает Организационный комитет VIII Московского международного фестиваля искусств «Звуки дутара» им. Нуры Халмамедова, концертная программа пройдёт с участием деятелей культуры и искусства Российской Федерации и Туркменистана.

В программе прозвучат шедевры мировой классики Н.А.Римского-Корсакова, Э. ди Капуа, М.Равеля, Д.Овезова, А.Пахмутовой, Н.Халмамедова, Ч.Нурымова, К.Волкова, М.Гусейнова. А также вокальные сочинения на стихи Махтумкули, Моллапенеса, Хаджи Какалиева, Ата Атаджанова, Николая Добронравова, Джованни Капурро, Андрея Дементьева, Шарля Бодлера, Тристана Клингзора, Михаила Лермонтова.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***